# Seljuklaryñ türkmenlere ýetiren zyýanlary

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Seljuklaryñ türkmenlere ýetiren zyýanlary SELJUKLARYÑ TÜRKMENLERE ÝETIREN ZYÝANLARY



*«Soltanym, türkmenleri gözden salma, olary özüñe-de gaty öwrenişdirme. Bular öz guran döwletini özi ýykýan milletdir».* ***Nyzamylmülkiñ Alp-Arslana beren öwüdi.***

Taryh kitaplarymyzda aýdylşy ýaly taryhda türkmenleriň iň uly duşmany türkmenlerdi. Ýöne şolaryň iň erbedi [meniň pikirimçe] Seljuk türkmenleridi. Häzir size munuň sebäplerini düşündirmekçi.

Ilki bilen Seljuklynyň döreýşine syn edeli. Şol döwürler türkmenleriň diňe Oguz Ýagbu konfederasiýasy bardy. Oguz ýabgu döwleti türkmenleriň taryhda guran döwletleriniň arasynda iň külli, iň milli we iň demokratik ýurdudy. Merweziniň ýazan taryhyna görä 12 türkmen taýpasyndan düzülipdi, käbir taryhçylar bolsa 24 taýpadan düzülendigini aýdýarlar. Taryhda şunça türkmen taýpasyny bir suprada birleşdiren başga döwlet ýok.




Bu döwletiň beýleki bir aýratynlygy bolsa orta asyrlarda gurulmagyna garamazdan demokratiýanyň ajaýyp nusgasy bolmagy başarandygynda. Oguzlaryň hany geňeşde ähli taýpa serdarlaryň gatnaşmagynda saýlanýardy. Ýurdy han dolandyrmaýar, ol diňe serdarlary geňeşe çagyrmak we ýurda wekilçilik etmek ýaly wezipeleri ýerine ýetirýärdi. Ähli kararlar geňeşde alynýardy. Üstesine her taýpa özbaşdakdy, diňe milli howpsuzlyk we uly meselelerde maslahatlaşyp hereket edýärdiler. Ýagny bu döwlet demokratik geňeş konfederasiýasydy.

Seljuk beg şu konfederasiýanyň goşun generalydy. Imperial häsiýetli bolansoň güýç arkaly döwleti ele geçirmek isledi. Geňeşi dargadyp ýurdy konfederasiýadan imperiýa öwürmek isledi. Ýöne onuň goşuny demokratiýa öýüni ýok edip bilmedi. Seljuk beg ýeňlişe sezewar bolup öz goşuny we kynyk taýpasy bilen Horosana göçmäge mejbur boldy.

Wagtyň geçmegi bilen Oguz döwleti goňşy milletleriň çozuşlary sebäpli ejizledi. Seljuklylar bu ejizlikden peýdalanyp beýleki türkmen taýpalarynam Geňeşe garşy öjükdirip öz elini geýçlendirdi. Şeýdip ýuwaş-ýuwaş Oguz konfederasiýasy ýitirim boldy.

Ýagny Seljuklylar iki jenaýat işini etdi. Birinjiden, demokratiýany ýok etmek isledi; ikinjiden, öjükdirmek arkaly ýurdy dargatdy.

- **Seljuk imperiýasynyň 3-nji uly jenaýaty**

Seljuk imperiýasy türkmen diliniň we medeniýetiniň ösmeginiň öňüni aldy. Resmi dil hökmünde parsçany ulandylar we býurokratlar diňe parslaryň arasyndan saýlandy. Türkmenleri bolsa sowatsyz goýdular we diňe esger hökmünde ulandylar. Şeýlelikde Oguz konfederasiýasy döwründe Gorkut ata ýaly parasatly adamlary ýetişdirip halk eposlary döreden türkmenler Seljuklynyň panparsçylyk syýasaty sebäpli diňe gan dökmek we ganlaryny dökdürmek bilen meşgul boldular.

- **Seljuklynyň 4-nji jenaýaty**

Seljukly eden gowy işleri hem bar. Meselem Anadolyny aldylar we türkmenlere bereketli topraklaryň gapysyny açylar. Ýöne Seljuklynyň parslar tarapyndan kemala getirilen syýasaty entegem türkmen milletine zyýan bermäge dowam edýärdi.



*Çaka beg*

Egeý deňziniň kenarlarynda kiçijik we ýaşajyk Çaka begligi döräpdi. Bu döwleti guranlar kiçi Aziýany eýelemekde uly işleri bitiren çowdur türkmenleridi. Gaty kiçi bolmagyna garamazdan bu begligiň örän uly ähmiýeti bardy. Sebäbi bu beglik taryhda ilkinji harby deňiz flotuna eýe bolan türkmen döwletidi. Hat-da mundan öň hiç bir türki milletiň harby deňiz floty bolmandyr.

Çaka begligi öz döreden harby gämileri bilen Wizantiýa adalaryny birin-birin eýeleýärdi. Wizantiýa näçe synanyşsa hem deňizde türkmenlere garşy ýeňiş gazanyp bilmändi. Ýunan adalary birme-bir türkmen topragyna goşulýardy.

Soň deňizde olary ýeňip bolmajagyny bilen wizantiýalylar Seljuk imperiýasyna “Garyndaşlaryňa eýe çyk, agzybir ýaşaşaly” diýdi. Seljuklylar bolsa Wizantiýa bilen ylalaşyk baglanyşdyk bahanasy bilen Çaka begliniň harby kuwwatyny ýok etdi. Şunlukda taryhdaky ilkinji harby flotumyz entek doly döräp

ýetişmänkä öldi. Belki Amerikany, Awstraliýany türkmenler açyp bilerdi. Ýöne  Seljuklynyň samsyk ylalaşyklary zerarly bular ýaly potensial üstünlikleriň öňi alyndy, köki paltalandy.
Bellik: Seljuklynyň peýdalary hem bolandyr. Ýöne men bu blogda onuň zyýanlary barada dil ýarmak isledim. Meniň pikirimçe bu ýurduň zyýanlary peýdalaryndan has ýiti we uly.

@ Ortanjy, wordpress, 15.12.2014 ý.

# Internetden alyndy. Taryhy makalalar